# Soňky ýol…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Soňky ýol… SOŇKY ÝOL…

Köçeden barýarlar, ellerde tabyt,
Ýatyr ynsan bulutlara seredip,
Ýaňy ýalydy-la dünýä ineniň,
Ynha barýaň ýüreklerde ýer edip.

Durmuş azabyndan dyndy bir ynsan,
Jahanda barmyka baky duranlar,
Toprak çekip barýar gerçek ýigidi,
Ýüreginde arman galdy ýaranlar.

Elden-ele geçýär adamlar gowy,
Ýagşymy ýamanmy bilenok parhyn.
Topraga garyljak jesedi görüp,
Saglygyn soran ýok, soran ýok nyrhyn.

Adamlar gidýärler kybla tarapa,
Tebigat gamlanýar olara-da kyn.
…Bir ýerde aýdym-saz, bir ýerde gaýgy,
Ynsanlara berlen bolmagy mümkin. Goşgular